# Gelnimiñ göwni galmasyn / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gelnimiñ göwni galmasyn / hekaýa GELNIMIÑ GÖWNI GALMASYN

Gullukdan gelerime garaşyp gelen gelnejem gullukdan gaýdyp gelenimden goňşy geňeşlikden Gully Gammaryň gyzy Garagyzlara gudaçylyga gitdi.
Gully Gammarlar gelnejemiň garyndaşyragydy. Gulluga gitmänkäm gelnejemlere gezmäge gidenimde gürleşip görmesem-de Garagyzy görüpdim. Garaýagyzdan gözi goçagyrak, gaşlak gyzdy.
Gudaçylyga giden gelnejem günorta golaý gelip gapydan girdi .
– Gandym, günüň geldi, göwneşdiler, Garagyzyň gardaşy Guldurdy göwünli–göwünsizräk. Galan gardaşlary Gulberdem, Gulmyradam, gelnejelerem göwneşdiler .
Garagyzyň gardaşlary Gulberdidir Gulmyrada gabatlaşyp görmesem-de Guldurdyny görüpdim. Guldurdy gün–güzeranyny gassapçylykdan görýärdi. Goçak göwresine gelişmeýän gödeňsi, gülende-de gözi-gaşy gamaşyk gorkunç görünýän göhertdi. Geplände-de gedemliginden gaty gompysyrap gepleýärdi. Gelnejem gülümjiräp gözlerini güldürdi :
– Garagyzam garaýagyzrak, geplemsegiräk, gözi gyşygyrak görmeseň, göwnaçykdan gaty galjaň gyz. Görüşip gepleşmäge gitmäge göwneseň-ä golaý günlerde Garagyzy görüp gepleşip geljek.
Gelnejeme garşy gitmedim. Göwnemediksiräp garşy gitsem gaňyrlygyndan gelnejemiň gaýdyp gudaçylyga gitjegi-gitmejegi gümana.
– Gelneje, görüp gelseň gürleşmäge gidäýerin. Görüşip göwneşsek geljegimize-de gowy. Gelneje, Garagyzy göreniňde gürleşsene, görüşmäge gije gelmän, gündiz gelsin-le.
Geňirgenseňizem gönimden geleýin, görüşmäge gije gitsem gowylygyň gyrasynda görünmeýän, garadan gaýtmaz Guldurdynyň gabat gelmeginden gorkýardym.

Gelnejem Garagyzy görüp gelensoň gürleşmäge gitmeli günem geldi. Gün gyzaryp galanyndan gelişiklije geýimlerimi geýip, Garagyzy görmäge gitdim. Gelnejemiň gurnamagyna görä, Garagyzlaryň gabat goňşularynda günorta golaý Garagyza garaşmalydym. Garagyzlaryň goňşularyna gelip girelgeden girişime gawyrdap goňur güjük garşylady. Güjügi görüp gorkymdan gymyldaman gaty gygyryp göýberdim. Gykylygyma güjük guýrugyny galgadyp gorkup gaçyp gitdi. Gorkudan galpyldaýan göwräme garap gülümjiräp garagözelek gelin gapdalyma geldi:

– Geleweriň, gorkmaň, Goňurja gowy güjükdir .

– Gurgynmysyňyz, gelneje, goňşyňyz Garagyzy göräýjekdim.

– Gandymmysyňyz? Gurgynçylykmy, geliň, geçiň, gapydan girip göniňdäki gapa giräýiň.

Gelnejäniň görkezen gapysyndan girip garasam garşymda gülümjiräp Garagyz.

– Gurgunmysyňyz, Garagyz?

– Gurgynmysyňyz Gandym geldiňizmi? Goňurjadan gaty gorkdyňyzmy? Gykylygyňyz-a gaplaňam gaçyrjak.

Garagyzyň görküne gözüm gidip gaýta–gaýta gizlinjek garadym. Garagyzyň gözüniň garasynyň gyşyklygy görküni gaçyrman, gaýta görküne görk goşup görmegeý görkezýär.

– Garagyz, gel Goňurjaly gürrüňi goýaly-da, gudaçylyk gürrüňe geçeli-le. Göwneseň-ä gelinalyjy günümizi gijikdirmän gyssanaly.

– Göwnäp-göwnemän, geçirmeli galyňyň gylyny gyşartman getiriň…

Garagyz gürrüňini gutaryp–gutarmanka Garagyzlar gapdaldan güýçli gykylyk geldi. Garagyz garsa galyp gabsanyň gyrasyndan garady:

– Gelnejem-le. Guldurda gygyrýar. Gazanç getirmedik güni gohlap Guldurda gün görkezenok.

Guldurdynyň garadan gaýtmazdygyna garamazdan, gelninden gorkuyşyna gaty geň galdym. Garagyz göni gözüme garap göwnihoş gepledi:

– Gandym, güýmenmäýin-de, gideýin, gelnejeň gelsin-le, geçirmeli galyňy gürleşip gitsin. Galanynam göriberis-dä.

Garagyz gidensoň gorka-gorka gapydan garap Goňurjany gözledim. Goňurja görünmänsoň garabaşagaý gyssanmaç gaýtdym.

Goýun-geçi, geýim-gejim, gymmat goş–golaň, gap-gaç, galyň geçirip, Garagyzy gelinalyjylap gapdalyma geçirdim.

Gujagyňa gelin gelip, gelniňe gowy garyşyp-garyşmankaň gelniň gaýdyp gidýär. Gelniň gaýdyp gideninde giýewlemäge gitmeseň, gelniň göwni galarmyş gürrüňe gulak gabardyp gaýdyp giden gaýtarma gelnimi giýewlemäge gitmäge gyssanyp, garaňky gatlyşandan garbak-gurbak garbandym. Gijelikde görünmeze gowy garamtylrak geýim–gejimlerimi geýip, gije gowy gijigensoň gaýynlaryma gitdim. Goňşy geňeşlige gelip gaýynlarymyň gaýrasyndaky gowaçalykdan geçip gaýynlarymyň garažynyň gapdalynda gizlinlikde garanjaklap Garagyzyň gelerine garaşdym.Garaşdygymça Guldurdynyň göräýmeginden gorkup gorkujumdan galpyldadym. Görseňizläň, göwnime geleniň gabat gelşini. Gulagyma gybyrdy gelip garasam, Guldurdy gapdalymda-da Gulberdidir, Gulmyrat. Garaşylýanyň gelmän garaşylmaýanyň gelşini! Galyp, garasam, göwrämem Guldurdynyň göwresine garanyňda göýdükden girdenejik görünýär. Gepsiz-gürrüňsiz golumy gaňryp, gowaçalygyň gyrasyna getirdiler. Gyzma Guldurdy gysymymy gaty gysyp, gylly goşaryny galgadyp gulagymyň gapdalyny gyzdyryp göýberdi. Gorkana goşa görnerleri, gokymdan gaýynlarym gözüme goşalanyp görünip, gaýtawul görkezmäge güýjüm-gurbatymam galmady. Gaýtadan gulagymyň gapdaly gyzyp gidende gözlerim garaňkyrap gitdi. Gykylyklap goh-galmagal galdyrsam-da göýbermän, gaýta gynamalaryny güýçlendirdiler. Gudraty Güýçli Gaýtarmyş Goja gaýtarandyr-da, goh-galmagala gelnim Garagyzyň gelnejeleri gelip, garma-gürmelikde gaçyryp göýberdiler. Göni gowaçalykdan gabatlap gaňyrlyp garaman gaçdym. Giýewlemäge gidenimde gidişin güýmenibiräk gitsem-de, gaýdyşyn gaty gaçanymdanmy, gabatlap gaýdanymdanmy, gaty gorkanymdanmy, garaz, güýmenmänjik geldim. Giýewlemäge gidişim gülkünçden gözgynyrak geçse-de gidenime gynanamok. Giýewlemäge gitmän, galanlygymda gelnim Garagyz göwnüniň görülmän, göwnüniň galandygyny gaýtalap-gaýtalap goýmazdy.

Günler geçip, gatnaşyklar giňäp gaýynlaryma garyşyp-gatlyşyp gitdik. Gaýynatamam, gaýynenem gelnimiň gelnejelerem gezmäge gelip–gidip giýewisini gowy görseler-de, gelnimiň gardaşlaryny görenimde gözüme gelenok. Gözüme gelmese-de gaýynlarymy

görenimde gülüp garşylaýan. Gaty görüp, gatnaşman gezmek gowy görülenok. Gepiň gysgasy geçeni geçdi görmeli.

Gurbangeldi MIRALYÝEW. Satiriki hekaýalar